# Paýhaslar düwünçegi

Category: Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Paýhaslar düwünçegi PAÝHASLAR DÜWÜNÇEGI

Durmuş öziñi tapmakdan ybarat däldir. Durmuş öziñi döretmekden ybarat.

Ýakynlaryñ barada iñ uly günä – ýigrenç däl-de, perwaýsyzlykdyr; bu adamkärçiliksizligiñ añry başydyr.

Adam eli kerpiç yaly: bişdigiçe gataýar.

Gürlemegi öwrendi – diymek, ulalypdyr, dymmagy öwrendi – diýmek, akyllanypdyr.

Köp adamlar düýpgöter özüne degişli däl zat bilen gyzyklanýarlar.

Sagdyn beden sagdyn añyñ netijesidir.

At-abraý – bu nikap ýaly bolup, edil jalbar we köýnek ýaly geýip gezmeli bolýar.

Men bagtly, çünki özüm barada pikir etmäge mende hiç hili wagt ýok.

Asmanda pylança ýyldyz bar diýseñ ol ynanar. Ýöne oña şu oturgyç ýañyja renklendi diýseñ derrew elläp görer.

Gorkynyñ guly bolmak – gorkynyñ iñ ýaramaz görnüşidir.

Iş – bilime barýan ýeke-täk ýol.

Eger-de siz hemişe bagtyñ gözleginde bolsañyz, öz äýnegiñi gözleýän garry ýaly ahyry taparsyñyz we onuñ hemişe burnuñyzyñ üstünde bolandygyna düşünersiñiz.

Hacan-da biz işlemegimizi bes edenimizde, ýaşamagymyzy hem bes edyaris.

Haçanda garşy bolanymyzda, adamlar bize iñ gowy maglumatlary berýärler.

Hiç kime hiç zat aýtmazlygy öwreniñ, şonda ähli zat gül ýaly bolar.

Bernard ŞOU. Sözler